wakalaryň üsti bilen direldip goýberýär. Döw Baky nebislä şeýle diýýär: «Şu güne çenli seniň baýlygyň gara nebsiň elindedi. Men häzir nebsiňi öldürdim-de, baýlygyňy özüňe gaýdyp berdim».

Baky nebisli döwüň gowagyndan çykandan ilkinji gezek öz bolup ýörşünden utanyp, dünýä täzeden seredýär.

Jadyly ertekilerde gahrymanlaryň köpüsi diýen ýaly ady, serheti näbelli bolan bir mekanda ýaşaýan şa gyzyny ýa-da bir perini düýşünde görüp, onuň yşgyna düşýär. Şol gyza gowuşmak üçin ähli zady terk edip ýola düşýän gahrymanlaryň özlerini alyp baryşlaryna ser salsak, olaryň maksatlaryny amala aşyrmak üçin edýän tagallalaryny, göreşlerini, jadyly toslamalaryny azaltsak, ol gahrymanlar başdan geçirme häsiýetli çeper edebiýatyň gahrymanlaryny ýadyňa salýar. Halk döredijilik eserlerinden iýmitlenýän edebiýat üçin bu meňzeşlik geň däl.

Meselem, «Hatam Taý» atly ertekide Hatam Gülüň baýlygynyň syryny anyklamak üçin, gyzyň gözlegine çykýar. Sahylykda, jomartlykda, paýhaslylykda tapawutlanýan keşbi döreden «Hatam — Taý» ertekisi, bir tarapdan, diýseň durmuşylygy bilen durmuşy ertekilere ýakyn. Ikinji bir tarapdan bolsa, ol ertekä däl-de, bir ussadyň elinden çykan durmuş hakykatyny anyk, janly beýan edýän çeper edebiýatyň naýbaşy eserlerine-de meňzeýär.

Çagalykda eneden-atadan galan üç doganyň iň körpesi Hatamyň çagalyk we ýetginjeňlik ýyllarynda oňa doganlarynyň gatnaşygyndaky ýowuzlyk, ýalňyzlykda Hatamyň gussa çekişi, anyk durmuş wakalarynyň üsti bilen şöhlelendirilipdir. Hatam bütin Gündogarda sahylykda tanalýan hem halkyň kalbynda ýaşaýan özboluşly bir gahryman. Ol jomartlygyň özboluşly bir nusgasy. Bol-elinligiň, baýlygyň gönezligini halallykdan, halal zähmetden gözlän halk şol gözlegleriniň netijesini Hatamyň üsti bilen halka ýetiripdir. Jadyly ertekileriň köpüsinden tapawutlylykda, Hatamyň özünden uly doganlary bilen gatna-

şyklarynda-da, mähriban ata ýurdundan kowlup, hor-homsy ýaşan günleri, onuň gara güýji bilen gazanç edip, halka birigişindäki başdan geçirmelerinde-de, Taýyň islegi bilen Gülüň sahylygynyň, baýlygynyň syryny, çeşmesini açmak üçin ýolda gören azaplaryny beýnisinde durlap, ahmyr edişinde-de çeper edebiýatyň gahrymanlaryna mahsus bolan häsiýetler jemlenipdir. Gülüň mekanyny yzarlap, uç-gyraksyz ymgyr çölde ençe ýyllap paý-pyýada horlanan, suwsuzlykdan, açlykdan ejir çeken Hatamyň öz-özüne käýinişinde hem durmuş hakykaty bar.

Hatam hatda Symrug guşuň çagalaryny iýýän, aždarha çykan ýylan bilen söweşende-de, tä tapdan düşýänçä gidişýär. Onuň hiç bir maksady aňsatlyk bilen amala aşanok. Şol agyr pursat başga zada güýji ýetmeýän, emma ýigidiň depesinde duýgudaşlyk bildirip, pel-pelläp uçýan ýaşajyk Symrug guşuň çagalaram oňa ruhy goldaw berýär.

Çeper ýazuwly edebiýatyň ertekilere, ertekileriň ýazuwly edebiýata täsirini beýleki ertekilerden-de yzarlap bolýar. Jadyly ertekilerde erteki gahrymanlary durmuş ýollarynda ýa-da öz öňlerinde goýan maksatlaryny amala aşyrmakda, şol ýeňip geçmeli garşylyklary gahrymanlaryň öz güýçlerinden rüstem gelende, olar haýsydyr bir garaşylmaýan tötänlikleriň, jadyly güýçleriň kömegi bilen ony ýeňip geçýärler. Beýle ýagdaýda olar beýni bilen, akyl bilen kän iş salşyp durmaýarlar. Emma «Hatam Taý» we «Gülýaka» atly ertekilerde erteki gahrymanlaryna öz öňlerinde goýan maksatlaryna ýetmek aňsat başardanok. Olar durmuş garşylyklary bilen ýüzbe-ýüz bolanlarynda, hatda başga güýçlerden peýdalanýan pursatlaram, barybir ýüküň agramly bölegi olaryň öz gerdenlerine düşýär. Ýöne özlerinden näçe esse güýçli duşmanlar bilen bolýan çaknyşyklarda hem adalat ugrunda göreşýän, hatda ejizje gahrymanlaram duşmandan rüstem gelýär. Ýeňiş hemişe adalatyň tarapynda bolupdyr. Türkmen halkynyň iň ajaýyp sypatlaryny, milli

häsiýetlerini, däp-dessurlaryny, ar-namysyny, abraýyny, şan-şöhratyny öz içine alýan halky eserlerimizi-de, öwrenmäge, ýygnamaga şert döreden, olaryň edebi esaslaryny, köküni anyklap, ähmiýetini, gymmatyny açan, olary dünýä meşhur eden Beýik Serdarymyz, bu ajaýyp gymmatlyklarymyz hakynda şeýle ýazýar: «**Medeni miras – bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu güne söýgüsidir, ertirine ynamydyr.**

**Medeni miras – bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu güne ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň, geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.**

**Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir»[1].**

Her bir ertekiniň esasynda ony döredijiniň arzuw-islegi ýatandan soň, ol ertekileriň agramly böleginde halk şalary, han-begleri, wezir-wekilleri ynsanperwerlige, adyllyga, agzybirlige çagyrypdyr.

Agzybirlik, ynsaperwerlik, halallyk, watansöýüjilik, pespällilik, sabyr-kanagatlylyk, ula-kiçä hormat goýmak, rehimdarlyk, kişä hyýanat etmezlik, dogruçyllyk, ruhubelentlik her bir süteme garşy agzybirlik bilen göreşmek, agyr günde birek-birege hemaýat etmek ýaly türkmen halkynyň ganynda bolan belent häsiýetler bütin ertekileriň içinden eriş-argaç bolup ge-

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Geçmişiň ýaňy – geljegiň daňy. Kitapda: Mahmyt Zamahşary. Ýagşyzadalaryň bahary. — Aşgabat, «Miras» 2004, 6 s.

çipdir. Ertekileriň terbiýeleýjilik güýji-de şol taglymlarda jemlenýär.

Ertekilerde halk hemişe il-ýurt bähbidini arapdyr. Akyl-paýhasly, mert, adalatly, ynsanperwer ogullaryny, başarjaň gyzlaryny şa saýlapdyr. Zalym, halka sütem edýän şalary adamkärçilige, adyllyga çagyrypdyr. Niýetleri başa barmadyk ýagdaýynda erteki gahrymanlary kim bolanda-da «ýüz görüp, gapyrga syryp durmandyr».

Aýratyn hem, ertekilerde halk öz isleg-arzuwlaryny, ýagşy-niýetlerini amala aşyrmakda, esasan, körpe nesli orta çykarypdyr. Meselem, «Hatam Taý», «Körpe ogul», «Allaberdi wezir», «Patyşanyň gyrnakdan bolan iki ogly», «Kerem», «Ak ýylan», «Adalatly şa» we ş.m. ertekilerde körpe ogullar mertligi, gaýratlylygy, başarnyklylygy, akyl taýdan kämilligi, il-ýurda söýgüsi bilen eserleriň beýleki gahrymanlaryndan tapawutlanýar. Halk körpe ogullaryň-gyzlaryň keşbini çekende iň oňat sypatlary olaryň häsiýetinde jemläpdir. Şunuň üçin hem türkmen halkynyň milli häsiýetleri olaryň keşbinde has äşgär ýüze çykýar. Hatda «Gyz-ýigit» atly täsin ertekide halkyň hyýaly, ylhamy şeýle bir täsin öwrümler edipdir. Onda akylly, gaýratly ýaş gyz jadynyň, halk hyýalynyň güýji bilen ogulsyz öýde ogla öwrülip, döwletiň başy bolupdyr.

Beýik Serdarymyz Mukaddes Ruhnamasynda körpe ogullary nesilleriň dowamaty hökmünde häsitlendirip şeýle diýýär: **«Türkmençilik düzgünine görä, ata ýurdy körpe ogla galdyrylýar. Ala-böle şeýle edilmeginiň sebäbini tapjak bolup, oýlanyp gördüňizmi? Sebäbi ýaşlyk, körpelik maşgala geljeginiň, nebere dowamatynyň nyşanydyr. Ata-babalaryň ruhuny, dessuryny hut körpe ogul ilkinji bolup gelejege ýetirmelidir. Diýmek, türkmeniň bu dessurynda geçmiş bi-**

**len geljegiň bitewiligine ymtylma bar. Bu bitewilik bolsa bakylyga ymtylmakdyr»[1].**

Körpe ogul bilen bagly Mukaddes Ruhnamada şeýle ajaýyp hekaýat getirilýär. Hekaýatda gürrüň her gün bagtly bolmagy arzuw edýän üç dogan hakynda gidýär. Doganlaryň yhlasy bilen bir ýagşyzada gelip, olary sähra gezelenje alyp gidipdir. Doganlaryň ulusy aýlanyp ýörkä, bir uly çukuryň üstünden gelýär, görse, içinde bagt otyr diýýär. Bagt uly doganyndan näme isleginiň bardygyny soraýar. Ol köşk ýaly howly sorapdyr. Ortanjy dogan agasyna görä nebsini şagladyp, köşk ýaly howly bilen bir horjun tylla diläp, ikisi hem arzuwlaryna ýetipdir.

Biraz wagtdan soň şol çukuryň gyrasyna olaryň körpe doganlary gelipdir. **«Görse, ullakan çukurda Bagt otyr.**

**Bagt körpe dogana ýüzlenipdir:**

**– Arzuwyňy aýt? Näme isleýäň?**

**– Seniň özüň näme isleýäň? – diýip, körpe dogan sorapdyr.**

**– Men şu uly çukurdan çykmak isleýärin.**

**Körpe dogan Bagty çukurdan çykarypdyr-da, ýene öz ýoly bilen ýöräberipdir.**

**Bagt näme edendir öýdýärsiňiz?!**

**Dogry, Bagt körpe doganyň yzyndan ylgapdyr»[2].**

Uly doganlaryň bagta düşünişi, ýagny oňa göz ýetirişi bir köşk bilen bir horjun tylla. Ondan aňyrda bagt ýok. Olar «ol eşekde ýüküm ýok, ýykylsa, habarym ýok», diýýän bir öz bähbidini bilýän, il derdinden, il aladasyndan üzňe adamlaryň hilinden. Olaryň bagtyň ykbaly bilen, özi bagt paýlap, haýsy sebäbe görä, çukurda oturanlygy bilen işi ýok. Kiçi dogan welin, özünden öňürti bagtyň ykbaly bilen gyzyklanýar. Ýogsam bolmanda köşk ýaly ymaratda bol-elin, hiç bir zada mätäç bolman

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. ikinji kitap. — Aşgabat, 2004, 67 s.
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama. ikinji kitap. — Aşgabat, 2004, 133-134 s.

ýaşamak her bir ynsanyň arzuwy. Emma ol arzuwa gujurly gollaryň ýa-da ýiti zehiniň bilen ýetmek bir başga. Bu ýagdaýda hem özüň bagtly, hem seniň zähmetiň eşretini il görjek. Bagty çukurdan çykaran körpe ogluň ýoly hakykatdan hem bagtagelejege barýar.

Ertekilerde boýdan-başa diýen ýaly betpäl, arabozar, açgöz, husyt, görip adamlaryň öz pällerinden tapyşlary suratlandyrylypdyr.

Hatda ýokarky ertekilerde körpe doganlar özlerinden uly agalaryndan, gyzlar ejekelerinden sütem görüp, horluk çekipdirler. Bu ýagdaýa olaryň özlerinden ulularda dörän göriplik, basdaşlyk sebäp bolupdyr. Ýöne, barybir ýeňiş körpeleriň tarapynda bolupdyr. Meselem, Hatam («Hatam Taý») sahylykda özünden-de, Taýdan-da has tapawutlanýan Gülüň baýlygynyň ýere-göge sygmazlygynyň sebäbini agtaryp gidende, zäherli dermanyň üsti bilen gyzyň adamlary öldürip, şol durkuna altyna öwürýändigine akyl ýetirende, ýigitde oňa çaksyz ýigrenç döreýär. Gözellikde taýsyz gyz Hatamyň gözüne adamlara elhenç sütem edýän ýyrtyjy ajdarhadan hem eýmenç bolup görünýär. Ynsanperwer Hatamda dörän gahar-gazap, aldaw bilen bigünä adamlaryň ömür tanapyny kesýän Gülden, ar almak meýlini döredýär. Hatam zalym Güli özüni öldürmek üçin naharyna sepen dermany bilen zäherleýär. Şeýlelikde, Hatam ýüzmüňlerçe adamy Gülüň zäherinden halas edýär. Bu ýerdede jadyly toslama bilen ynsan durmuşy utgaşyp, «Ýakma bişersiň, gazma düşersiň» diýen ajaýyp taglym ündelýär. Şonuň bilen birlikde Hatam bilen Taýyň hem Gülüň gazanç, eklenç çeşmesini deňeşdirip, halallygy ündän halk, bu ertekide Gülüň haramlyk bilen ýaşap geçen ata-babalaryna-da ýigrenç döredipdir.

Şeýlelikde, halk jadyly ertekilerde jadyly güýçleri-de öz isleglerine boýun egdiripdirler. Ertekide Hatam öz maksadyna

ýetmekde perileriň kömegi bilen biri-birinden rüstem uly garşylyklary, päsgelçilikleri ýeňip geçýär.

Beýle eserleriň nesilleri terbiýelemekde nähili hyzmatynyň, terbiýeleýjilik gymmatynyň boljakdygy öz-özünden düşnükli. Belent adamkärçiligi, ynsanperwerligi, şahandazlygy, çaksyz sahylygy bilen tanalýan erteki gahrymanlaryň dili bilen aýtsaň, «älem sahysynyň, jomardynyň» alnynda janly-jandar dyza çökýär.

Jadyly ertekileriň baş gahrymanlary, patyşa, wezir-wekiller, şa gyzlary, şazada, söwdagärler, daýhanlar, çopanlar, täjirler we ş.m.

Jadyly ertekilere onuň beýleki görnüşleri bilen deňeşdirilende, döwler, periler, aždarhalar hem beýleki jadyly güýçler we zatlar has köp gatnaşýar.

Bu ertekileriň esasy gahrymanlarynyň biri perilerdir.

Döwlerden sütem görýän, kähalatlar bolsa olary ynsan bähbidi üçin peýdalanýan perileriň häsiýetlerinde halk ynsana mahsus bolan iň oňat sypatlary jemläpdir. Gözellikde, akylpaýhasda olary ertekileriň beýleki adaty gyz gahrymanlaryndan tapawutlanýar. Olar görgür, ugurtapyjy, köp zady öňünden bilýän gahrymanlar hökmünde şekillendirilipdir. Halkyň arasynda bir gözel gyzy häsiýetlendirenlerinde bir söz bilen «Peri ýaly», «Perisypat» diýilýär. Bu ýagdaý erteki gahrymanlaryndan gelýän ynançdyr. Jadyly ertekilerde periler köplenç sada, garyp ýigitler bilen ykbalyny baglap, olaryň durmuşynda gabat gelýän päsgelçilikleri, garşylyklary ýeňip geçmeklige olara hemaýat edipdirler. Meselem, «Satylan düýş» atly ertekide sada çopan ýigidi bilen ykbalyny baglan peri, şol ýigidi ýok edip, özüne eýe çykjak bolýan betpäl, ar-namyssyz adamlary diňe akylparasaty, görgürligi, duýgurlygy bilen ýeňip geçýär. Ýa-da «Hatam Taý» atly ertekide Hatamyň Gül bilen bagly işleriniň ugrukmagy ýa-da onuň il-güne hemaýat etmekde, ýeňip geçýän

päsgelçilikleri, öz maksadyny amala aşyrmakda edýän tagallalary periler bolmadyk ýagdaýynda amala aşmazdy.

«Maýmynbike we Haşym jan» ertekisindäki Maýmynbikäni biri-birinden rüstem garşylyklardan, göwne degilmelerden diňe onuň çaksyz mähremligi, mylaýymlygy, düşbiligi, geçirimliligi, Haşym jana bolan söýgüsi alyp çykýar. Bu babatda Maýmynbike erteki gahrymanlarynyň köpüsinden tapawutlanýar. Ýöne bu ýerde bir zat nygtalsa kem bolmaz, adamkärçilik babatynda Haşym jan bilen Hatamyň, Dürperi (Maýmynbike) bilen Taýyň arasynda ýagşy gylyklary babatynda umumylyklar bar. Bu gahrymanlaryň keşbini çekende halk olaryň häsiýetinde adamkärçiligiň, ynsanperwerligiň, sahylygyň, myhmanparazlygyň, sahawatlylygyň iň oňat sypatlaryny jemläpdir.

Kökleri gadymyýetden gaýdýan, timarlanyp-timarlanyp, şu günlere getirilen bu ajaýyp ertekiler öz taglymlary, gahrymanlary bilen, gör, näçe nesilleri terbiýeländir.

Ýagşylyga-ýagşylyk bilen jogap bermek, ýagşylygyň, ýagşynyň gadyryny bilmek ýaly belent taglym bütin ertekileriň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Bu taglym dürli-dürli durmuş wakalarynyň, gahrymanlarynyň üsti bilen her ertekide özboluşly ündelýär. Meselem, «Gülýaka» atly ertekide gahryman öz hemrasyny orta ýolda taşlap, gözüniň alnynda ogurlanan gülýakasynyň yzyna düşýär. Gülýakany döwüň aşpeziniň üsti bilen gola salan, işiniň aňsadrak bitenine aşa begenen gahryman, ýoňsuz ýoly geçenden soň, özüne ýagşylyk eden aşpeze minnetdarlyk bildirmänligi ýadyna düşüp yzyna dolanýar. Ertekidäki gahrymanlaryň ikisine-de ýagşylyk etmegem, ony ýerine salmagam arzan düşenok. Ýagşylyk eden döwüň pidasy bolýar, ýagşylyk görenem ony ýerine saljak bolup ýolda hupbat baryny görýär. Ynsanperwerlik, adamkärçilik etmek hiç wagtam adamzada ýeňil düşmändir. Ertekem şony aýdýar. Gülýaka bahanasy bilen adamkärçiligiň açylyşynda ýokary ussatlyk bar.

«Adyl şa», «Körpe ogul» ýaly ertekilerde-de adamkärçilige adamkärçilik bilen jogap berilýär.

Ýagşyzadalar kimin akyl-paýhasly, dana gojalar jadyly ertekilerde beýleki gahrymanlar bilen deňeşdirilende az hereket edýär. Olar her bir meseläni akylly-paýhasly çözmekde, hatda adamlaryň kähalatlarda ýurtlaryň arasynda bolup biljek agzalalygyň, betbagtlygyň öňüni almakda möhüm hyzmaty ýerine ýetiripdirler. Dana gojalaryň tersine, kempirler köplenç gara güýjüň wekili hökmünde çykyş edýär. Jadyly ertekilerdäki öweý enelerem häsiýetleriniň ýowuzlygy, barlyşyksyzlygy, daş ýürekligi bilen jadygöý kempirlere meňzeýär. Jadygöý kempirler erteki gahrymanlarynyň amala aşyrjak bolýan haýyr işlerine ýa-da bagtly durmuşlaryna göripçilik edýän betpälleriň ýaramaz niýetleriniň amala aşmagyna ýardam edýärler.

«Galandar soltan» atly ertekide Galandaryň daýzalary, onuň özüne we ejesine diňe jadygöý, betpäl kempiriň üsti bilen ýamanlyk edýärler. Betpäl kempir ertekide hemişe öz ýaramaz niýetini amala aşyrmakda Galandaryň barmaly tarapyny bilip, ony toruna düşürýär.

Ýöne bu ertekilerde-de bary bir adalat, adamkärçilik dabaralanyp, ýaman öz pälinden tapýar.

Jadyly ertekiler öň hem nygtaýşymyz ýaly, juda mazmuna baý. Meselem, «Syrlaryň açylyşy», «Körpe ogul», «Allaberdi wezir», «Kerwenbaşy», «Kerem», «Adyl şa», «Ak ýylan» we şuňa meňzeş beýleki ertekiler özlerine ençeme görnüşli hekaýatjyklary-da birleşdirýär. Bu ýagdaý ertekileriň mazmunyny baýlaşdyrýar. Biri-birine baglanýan owunjak hekaýatlar erteki gahrymanlarynyň başarnygyny, ugurtapyjylygyny, akyl-paýhasyny, oýlap tapyş ukybyny açmakda uly hyzmatlary ýerine ýetirýär. Ol hekaýatlaryň üsti bilen köp zatlaryň, wakalaryň syrlary açylýar. Tas dessanlary ýadyňa salyp duran ol ertekilerdäki hekaýatlar aýry-aýrylykda alnanda-da özbaşdak many aňladyp duran eserler. Bu hekaýatlar jadyly ertekilerde köplenç

haýsydyr bir patyşanyň geplemeýän gyzyny gepletmek, onuň akyl-huşuny barlamak üçin getirilýär.

«Adyl şa» atly ertekide uzak bir ýurtda bir şanyň gyzynyň geplemeýändigi aýdylýar. Ony hem kim gepletse, şanyň gyzyny şol ýigide berjekdigi äşgär bolýar. Şu şert «Kerwenbaşy» atly ertekide-de goýulýar.

«Adyl şa», «Kerwenbaşy», «Körpe ogul», «Ak ýylan» ýaly ertekileriň her biri dürli-dürli adamlaryň dilinden ýazylyp alnan, başga-başga etraplardan toplanan, özbaşdak mazmuny, gahrymanlary bolan nusgalar. Muňa garamazdan, bu ertekilerde birinden beýlekisine geçip, göçüp-gonup ýören hekaýatlar, wakalar ýa şol bir hyzmaty ýerine ýetirýän gahrymanlar bar. Elbetde, bu ýagdaý şol ertekileri aýdyjylara hem bagly bolýar. Meselem, erteki aýdyjylaryň halky eserleriň nusgalaryny ýygnaýjylaryň bir ertekiniň içindäki haýsydyr bir hekaýatjygy başga bir ertekä geçirip aýtmagy-da ýa-da öz toslap tapan täze wakalaryny-da oňa goşup, baýlaşdyrmagy-da mümkin.

Üns berilse, adamlaryň agyzsuwuny kesip ýa başga bir zada yrsarap, adam talap edýän aždarhalar ençeme ertekilerde duş gelýär. Şol aždarhalaryň ýok edilşinde-de, meňzeşlik bar. Meselem, bir ýurt bolup garşysyna çykyp bolmaýan aždarhany garaşylmaýan pursatda peýda bolan bir batyr ýigit gylyjyny aýlanda iki bölüp, şa gyzyna öýlenýär.

Ýa-da jadyly ertekilerde uzak ýola söwda gidýän kerwenleriň ýoldaky başdangeçirmelerinde şol bir gaýtalanyp gelýän wakalaryň bolmagy, meselem, ýolda aždarha hem döwler bilen söweşmek, olaryň baýlyklaryna eýe bolmak ýaly wakalaryň, hadysalaryň gaýtalanmagy käbir ertekiçileriň wakalary gatym-garym etmegi bilen baglydyr. Hakykatdan hem, erteki gahrymanlarynyň başga-başga adamlardygyna garamazdan, şa gyzyny gepletmek üçin aýdylýan hekaýatlaryň käbiri, ol ertekilerden beýleki ertekä göçüp ýör.

Meselem, «Kerwenbaşy» atly ertekide üç ýolagçynyň gije tokaýda düşläp, daň atýança gezekleşip garawulçylyk çekmeli bolanlarynda agaç ussasynyň agaçdan heýkel ýasamagy, tikinçiniň öz nobatynda oňa geýim tikip geýdirmegi, ýolagçylaryň mollasynyň Taňra mynajat okap, oňa jan bermegi bilen bagly özboluşly hekaýat beýleki ertekilerde-de gabat gelýär. Olarda hereket edýän gahryman aýry-aýry bolsa-da, maksatlary bir. Ýagny agaçdan ýasalan gözel gyzyň üç ýolagçynyň haýsysyna degişlidigi bilen bagly çözgüdi orta atyp, şa gyzyny gepletmek.

Gyz heýkeli bilen bagly hekaýata «Adyl şa» atly ertekide-de, «Totynyň hekaýatlarynda-da» gabat gelinýär.

Ertekilerdäki tapmaçalaryň ýaşlaryň akylyny, oýlap tapmak ukybyny ösdürmekde hem hyzmaty uly.

Biz jadyly ertekilerde käbir nusgalaryň, olaryň many-mazmunlarynyň, olardaky geň-enaýy wakalaryň, şol bir hyzmaty başga-başga ýagdaýda ýerine ýetirýän gahrymanlaryň, wakalaryň käbir ertekilerde gaýtalanyp durandygyna garamazdan, olary özbaşdak erteki nusgalary bolany üçin ýygynda girizdik. Sebäbi şol bir hyzmaty ýerine ýetirseler-de, olarda hereket edýän gahrymanlar başga-başga. Olaryň hereket edýän meýdanlaram, iş salyşýan adamlaram başga-başga.

«Adyl şa», «Körpe ogul» atly ertekilerde dürli-dürli adamlar agyr ýagdaýda özleriniň düýbünden tanamaýan adamlaryna ýa-da bilmeýän jandarlaryna hyzmat edýärler. Ol ýagşylyklaryň ýerine salnyşy birmeňzeşrägem bolsa, şol ýagşylyklary gaýtarýan adamlar, jandarlar başga-başga. Gahrymanlaryň ýüzbe-ýüz bolýan päsgelçiliklerinde-de käbir tapawutlar bar. Ertekileriň ikisinde-de şol bir taglym ündelýär, ýagşylygyň, ynsanperwerligiň gadyryny bilmek. Ertekileriň ikisinde-de wakalar diýseň durmuşy.

Ýöne bu ertekilerde tanyş-nätanyşlaryň esere goşulan ýerinden jady bilen durmuşy hyýalylyk, toslamalar utgaşýar. Sebäbi bir maksat bilen ýola düşen erteki gahrymanlaryna ýolda goşul-

ýan adamlar, güýçler hakyky adamlar däl-de, toslanyp tapylan gahrymanlar. Ýöne olaryň hem aňyrsynda hakyky adamlaryň niýeti ýatyr.

Meselem «Adyl şa» atly ertekide şazadanyň ölümden halas eden ak balygy onuň ençeme kynçylyklary ýeňip geçmegine, maksadyna ýetmegine hemaýat edýär.

Ynsanperwerlik, rehimdarlyk ýaly belent taglymy ündeýän, ruhubelent, sahy, mert özdiýenli gahrymanlary bolan «Körpe ogul» atly ertekide-de Amanylla ogullaryny synamak üçin üç oglunyň hersine eslije pul berýär. Pul mätäçlere paýlanylmaly. Uly iki dogan hersi bir bahana tapyp, pullaryny sowman, yzyna getirýär. Emma Amanyllanyň körpe ogly, puluny garyp-gasarlara paýlap, galanjasyny gonamçylykda sähelçe bergisi üçin ýaňja jaýlanan bir jesedi mazaryndan çykaryp duran päli bozuk adamlara, şol jesediň bergisini berip, jaýladyp gaýdýar. Päliýaman mahluklar tarapyndan öwlüýä sygman, zyňylan adam hökmünde ile ryswa bolmaly jeset, Kereme talaban durup, oňa duýdurman, söwdagärler bilen ýola düşüp, uzak bir ýurda giden ýigidiň özüni we ýoldaşlaryny üç gezek ölümden halas edýär. Ondan başga-da bu ertekide Kereme talaban durýan adam (jeset) Keremi başga-başga ýagdaýda döwden hem gyzyň içindäki aždarhadan goraýar.

Edil beýleki ertekilerde bolşy ýaly, Kerem talabanyň kömegi bilen uly baýlygyň eýesi bolýar. Bu ertekide ýolagçylara howp salýan jadyly kempir ýok. Ýöne ertekilerde içi ýylanly şa gyzy bilen duşuşyk we ýylanyň öldürilmegi birmeňzeşräk.

Birek-birege ýagşylyk etmegi, mätäje hemaýat etmegi ündeýän «Körpe ogulda» ýazuwly edebýatyň gahrymanlary ýaly Keremiň häsiýeti giňden, her taraplaýyn hem çuň açylýar. Ilegüne hemaýat edip oturan Amanyllanyň belent adamkärçiligi, sahylygy, şahandazlygy onuň körpe oglunyň häsiýetinde has belent derejä göterilipdir. Kerem diňe bir uzak ýola ýoldaş bolan söwdagär ýoldaşlaryny talabanyň güýji, öz adamkärçiligi,

sahylygy, jomartlygy bilen ýalkaman, kömek etmän, eýsem, şol häsiýetleri bilen il-güne-de hemaýat edýär. Şonuň üçin hem halk diňe bir Keremi ýa onuň ynsanperwer atasyny sylaman, uly il bolup, nätanyş merhuma Hudaýoly berip, aýat-töwir edip, onuň mazarynyň üstünde gümmez galdyrýar. Şeýlelikde, bu ertekide türkmeniň ruhuna mahsus bolan ynsan mertebesini belent tutmak, ölini öli ýerinde, dirini diri ýerinde sylamak ýaly ajaýyp taglymlar ündelýär.

Umuman, adamzat paýhasynyň döreden, gymmatlyklarynyň biri bolan, uzak ýyllar ýatdan aýdylyp gelnen, iňňän uly terbiýeçilik ähmiýete eýe bolan ertekiler ynsan kalbyna ýetirýän gymmatly täsiri, güýji bilen, hut häzirki güne çenli hem ýüz müňlerçe nesilleri terbiýeläp gelipdir. Ertekiler adamlaryň gamly gününde ýakyn, janköýer dost, eziz dogan, dana maslahatçy, mährem ene, pähim-parasatly ata hökmünde derdini, hesretini paýlaşýar. Ters ýola düşende pälinden gaýtmaga, azaşan wagtynda dogry ýola ugrukmaga, niýetini ýamana tutan wagtynda bolsa, oýlanmaga goltgy berýär. Şu jähetden dürli ýaşdaky adamlar üçin-de ertekileriň, onda-da adaty güýçlerden tapawutlylykda toslama hem hyýaly hadysalara ýugrulyp döredilen, çuň mana eýe bolan jadyly ertekileriň ähmiýeti iňňän ulydyr.

Eziz okyjy, oka, dynjyňy al! Gel, bileje ertekiler dünýäsine syýahat edeli!

**Şirinjemal Geldiýewa,**
***Milli medeniýet «Miras» merkeziniň***
***bölüm müdiri.***

## MAZMUNY

Aldarköse döw hem tilki ........................................................ 9
Ýylanbaý............................................................................................ 14
Syrlaryň açylyşy .................................................................................. 21
Akpamyk .............................................................................................. 33
Diwananyň ogly .................................................................................. 46
Kör garga .............................................................................................. 59
Öwez ýalta ............................................................................................ 63
Kaşamşam ............................................................................................ 71
Hoja küş-küş ........................................................................................ 74
Patyşanyň ogly .................................................................................... 78
Galandar soltan .................................................................................... 82
Kerwenbaşy .......................................................................................... 90
Şa gyzy ................................................................................................ 103
Körpe ogul .......................................................................................... 115
Garyp oglan ........................................................................................ 136
Sowgat ................................................................................................ 142
Gyz-ýigit ............................................................................................. 145
Gülýaka ............................................................................................... 150
Gurjak gyz .......................................................................................... 159
Satylan düýş ....................................................................................... 162

Hatam —Taý ....................................................................171
Ejekejan ........................................................................195
Kerem ...........................................................................206
Üç gyz dogan ..................................................................211
Döw ..............................................................................222
Ýartygulak .....................................................................226
Satyn alnan akyl .............................................................232
Baky nebisli ...................................................................235
«Aýazhan, çarygyňa bakarak» ..........................................240
Patyşanyň gyrnakdan bolan
iki ogly ..........................................................................258
Akylly gyz .....................................................................293
Allaberdi wezir ...............................................................300
Maýmynbike we Haşym jan ..............................................306
Adyl şa ..........................................................................329
Kelje .............................................................................340
Şamar ............................................................................351

*Şirinjemal Geldiýewa.* Jadyly dünýä syýahat.........................371

**Türkmen halk ertekileri**
(Jadyly ertekiler)

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory S. Abaýew**
**Sahapda Maýsa Hojaýewanyň çeken suraty**
**Korrektor B.Öwezow**

Çap etmäge rugsat edildi 16.10.2006 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 24,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 5 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-22618

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.